**2023-nji ýylyň 7-nji aprelinde**
**Daşoguz agrosenagat orta hünär**
**okuw mekdebiniň direktory**
**tarapyndan tassyklanan**

# Türkmen oba hojalyk institutynyň Daşoguz agrosenagat orta hünär okuw mekdebinde talyplaryň goýberen sapaklaryny hasaba almagyň, gözegçilik etmegiň we özleşdirmeginiň tertibi hakynda DÜZGÜNNAMASY

## I. Umumy düzgünler

1.1. Türkmen oba hojalyk institutynyň Daşoguz agrosenagat orta hünär okuw mekdebinde talyplaryň goýberen sapaklaryny hasaba almagyň, gözegçilik etmegiň we özleşdirmeginiň tertibi hakynda Düzgünnama (mundan beýläk - Düzgünnama) Türkmenistanyň “Bilim hakynda” (rejelenen görnüşi) kanunyna, Döwlet orta hünär bilimi edaralary hakynda Düzgünnama, mekdebiň Tertipnamasyna, talyplaryň içki tertip-düzgünine laýyklykda işlenip düzüldi.

1.2. Bu Düzgünnama mekdepde talyplaryň goýberen okuwlaryny hasaba almagyň, gözegçilik etmegiň we özleşdirmegiň tertibini kesgitleýär.

1.3. Talyplaryň okuw sapagyna gatnaşygynyň hasaba alnyşyna we gözegçilikde saklanyşyna topar ýolbaşçy we usuly birleşmäniň ýolbaşçysy jogapkärdir.

1.4. Hasaba alnyşyň we gözegçiligiň netijelerini umumylaşdyrmak we seljermek işlerini okuw bölümi amala aşyrýar.

1.5. Talyplaryň sapaklara gatnaşygynyň hasaba alnyşy we gözegçiligi hökmany häsiýete eýedir.

## II. Talyplaryň borçlary

2.1. Talyp okuw sapaklarynyň tertibine laýyklykda orta hünär biliminiň bilim maksatnamasyny, mekdebiň kesgitlenen gün tertibini ýerine ýetirmäge, okuw sapaklarynyň ähli görnüşine gatnaşmaga borçludyr.

2.2. Bu talaplary ýerine ýetirmezlik, hususan-da esassyz sebäplere görä gatnaşmadyk hökmünde aşakdaky ýagdaýlar kabul edilýär:

- okuw sapagyna gelmezlik;
- okuw sapagyna gijä galmak;
- okuw sapagy gutarmanka gitmek.

2.3. Esassyz sebäplere görä okuw sapaklaryny goýbermeklik düzgün-nyzamyň gödek bozulmagyna getirýär we bu ýagdaýda talyp düzgün-nyzam jogapkärçiligine çekilýär: duýduruş, käýinç, berk käýinç we degişli sebäplere görä talyplaryň hataryndan çykarmak.

## III. Sapaklara gatnaşyk

**3.1. Mekdepde talyplaryň okuw sapaklaryna gatnaşygynyň hasaba alnyşy we gözegçilikde saklanyşy**

3.1.1. Mekdepde talyplarynyň okuw sapaklaryna gatnaşygynyň hasaba almak we gözegçilikde saklamak boýunça guramaçylyk işi toparbaşy, topar ýolbaşçysy, usuly birleşmäniň ýolbaşçysy we okuw bölümi tarapyndan amala aşyrylýar.

3.1.2. *Toparbaşy borçly:*

- her gün birinji jübüt sapagy başlamazdan ozal topardaky ýok talyplar barada maglumaty okuw bölümine bermäge;
- talyplaryň okuwa gatnaşygyny gatnaşyk dergisinde we gatnaşyk sanawnamasynda hasaba almaga;
- günüň ahyrynda gatnaşyk dergisini we gatnaşyk sanawnamasy okuw bölümine tabşyrmaga;
- her gün esasly sebäplere görä gelmedik talyplaryň resminamalaryny (kepilnamalary, arzalary) jemläp okuw bölümine tabşyrmaga;
- her gün topar ýolbaşçyny toparyň gatnaşygy barada habarly etmäge.

3.1.3. *Mugallym borçly:*

- her gün sapak başlan wagty toparyň gatnaşygyny almaga;
- toparyň gatnaşyk dergisinde we gatnaşyk sanawnamasynda okuw sapagynda ýok talyba “gm” belligini goýmaga;
- sapagyň başynda toparyň gatnaşyk dergisine we gatnaşyk sanawnamasyna gol çekmäge.

Mugallym toparyň gatnaşyk dergisinde we gatnaşyk sanawnamasynda talyplaryň okuw sapagyna gatnaşygy barada getirýän maglumatlarynyň dolulygyna we dogrulygyna jogapkärdir.

3.1.4. *Topar ýolbaşçysy borçly*:

- gündelik her talybyň okuwa gatnaşygyny hasaba almaga;
- topardaky ýok talyplaryň sebäplerini anyklamak boýunça dessin çäreleri görmäge;
- topardaky talyplaryň okuwa sebäpli we sebäpsiz gatnaşygyny her hepde we her aýda seljermäge;
- her aýyň ahrynda indiki aýyň başynda talyplaryň gatnaşygy barada hasabaty okuw bölümine tabşyrmaga;
- okuwdan sebäpsiz galan talyp barada usuly birleşmäniň ýolbaşçysyny habarly etmäge;
- okuw sapagyna sebäpsiz gatnaşmadyk talybyň ene-atasyna (kanuny hossarlaryna) habarly etmäge;
- okuw sapaklaryny sebäpsiz goýberýän talyplar bilen düşündiriş işlerini geçmäge.

3.1.5. *Usuly birleşmäniň ýolbaşçysy borçly*:

- her aý garamagyndaky topar ýolbaşçylarynyň hasabatyny direktoryň orunbasaryna tabşyrmaga;
- her gün talyplaryň okuw sapaklaryna gatnaşygyny seljermäge we zerur çäreleri görmäge;

- toparda sebäpsiz galýan talyplaryň sanyny azaltmak boýunça topar ýolbaşçynyň we toparbaşynyň işini guramaga;

- okuw sapaklaryny sebäpsiz goýberýän talyplar bilen terbiýeçilik terbiýeçilik işlerini geçmäge.

3.1.6. *Okuw bölümi borçly*:

- her gün hünärler boýunça okuw sapaklaryny goýberen talyplar baradaky maglumaty toplamaga we jemleýji gatnaşyk sanawnamasyny taýýarlamaga;

- okuw bölümine tabşyrylan maglumatlar boýunça gündelik okuwa gatnaşygyň göterimini hasaplamaga;

- her hepde okuw toparlary boýunça talyplaryň gatnaşyk reýtingini düzmäge we direktoryň orunbasaryna tabşyrmaga;

- her aýda indiki aýyň başyna çenli topar ýolbaşçylaryň maglumaty bilen deňeşdirmek üçin bir aýyň dowamyndaky gatnaşyk sanawnamasyny taýýarlamaga.

**3.2. Talyplaryň tejribelik döwründe gatnaşygynyň hasaba alnyşy we gözegçilikde saklanyşy**

3.2.1. *Tejribelige ýolbaşçy mugallym borçly:*

- tejribelikdäki talyplaryň gatnaşygyny gündelik barlamaga;

- toparyň gatnaşyk dergisinde we gatnaşyk sanawnamasynda okuw tejribeliginde ýok talyba “gm” belligini goýmaga;

- okuw tejribeliginiň başynda toparyň gatnaşyk dergisine we gatnaşyk sanawnamasyna gol çekmäge.

Tejribelige ýolbaşçy mugallym toparyň gatnaşyk dergisinde we gatnaşyk sanawnamasynda talyplaryň okuw sapagyna gatnaşygy barada getirýän maglumatlarynyň dolulygyna we dogrulygyna jogapkärdir.

**3.3. Okuw sapagyna gelmedik talybyň resmileşdirilişi**

3.3.1. Okuw sapaklaryna sebäpli gelmeýän talyp (ene-atasy, hossary) topar ýolbaşçysyny habarly etmäge borçludyr. Talyp okuwa gelenden soňra 3 günüň dowamynda sebäpli galmagyny tassyklaýan resminamalary getirmäge borçly:

- ýarawsyzlygy sebäpli okuw sapaklaryny goýberen ýagdaýynda mekdebe hyzmat edýän Daşoguz şäheriniň 1-nji saglyk öýünden degişli nusgadaky kepilnamany getirmeli;

- beýleki ýagdaýlar (maşgala ýagdaýy, harby wekillige çagyryş, hukuk goraýjy edaralara we ş.m. çagyryş) sebäpli okuw sapaklaryny goýberen ýagdaýynda degişli resminamalary okuw gelen ilkinji gününde getirmeli;

- eger-de talyp okuw sapaklaryny goýbermeginiň sebäplerini tassyklaýan resminamany bellenen wagty tabşyrmasa, onda talybyň berýän düşündirişine garamazdan okuw sapaklary sebäpsiz goýberdi hasaplanýar.

3.3.2. Aýratyn ýagdaýlarda talyba okuw sapaklarynyň belli bir sanyny goýbermäge rugsat berilýär. Rugsat bermek barada çözgüdi direktoryň orunbasary talybyň ýazan arzasy (arzada topar ýolbaşçysynyň we usuly birleşmäniň ýolbaşçysynyň rezolýusiýasy bolmaly), onuň şahsy häsiýetlerini we ýagdaýyny göz öňünde tutmak bilen topar ýolbaşçysynyň we ene-atasynyň (kanuny hossarlarynyň) ylalaşylan ýagdaýynda kabul edýär.

Oňyn çözgüt kabul edilen ýagdaýynda, okuw sapaklaryny goýberen mugallymyň talaby boýunça talyp gatnaşmadyk temasyny özleşdirýär. Sapagy özleşdirmegiň möhleti we görnüşi mugallym tarapyndan kesgitlenýär.

3.3.3. Okuw sapagyny sebäpsiz goýberen talyp usuly birleşmäniň ýolbaşçysyna (topar ýolbaşçysynyň goly bilen) düşündiriş ýazmaga borçlanýar.

**3.4. Okuw sapaklaryny we tejribelikleri sebäpsiz goýberen talyplara temmi çäresini görmek**

“Türkmenistanyň ýokary we orta hünär okuw mekdeplerinde talyplaryň okuw işleriniň netijeleriniň aralyk jemlemesi hakyndaky” Düzgünnamanyň 11-nji bendine laýyklykda, esassyz sebäplere görä sapaklaryny goýberen talyplara aşakdaky temmi çäreler görlüp bilner:

- **6 sagat** möçberinde sebäpsiz okuwyny goýberen talyp bilen topar ýolbaşçysy we usuly birleşmäniň ýolbaşçysy düşündiriş işini geçirýär hem-de bu barada ene-atalaryň (kanuny hossarlarynyň) dykgatyna ýetirýär.

- **12 sagat** möçberinde sebäpsiz okuwyny goýberen talyba direktor tarapyndan duýduryş temmi çäresi yglan edilýär. Topar ýolbaşçysy we usuly birleşmäniň ýolbaşçysy talyp bilen düşündiriş işini geçirýär hem-de söhbetdeş bolmak üçin talybyň ene-atasyny (kanuny hossarlaryny) mekdebe çagyrýar. Usuly birleşmäniň ýolbaşçysy talyp we (ýa-da) ene-atasy (kanuny hossary) bilen geçirilen işleriň dergisinde senäni we söhbetiň gysga mazmunyny bellik etmeli.

- **24 sagat** möçberinde sebäpsiz okuwyny goýberen talyba direktor tarapyndan käýinç temmi çäresi yglan edilýär we talyp, onuň ene-atasy (kanuny hossary), topar ýolbaşçysy hem-de usuly birleşmäniň ýolbaşçysy direktoryň orunbasarynyň ýanyna çagyrylýar.

- **36 sagat** möçberinde sebäpsiz okuwyny goýberen talyba direktor tarapyndan berk käýinç temmi çäresi yglan edilýär we talyp, onuň ene-atasy (kanuny hossary), topar ýolbaşçysy, usuly birleşmäniň ýolbaşçysy, direktoryň orunbasary, hukuk goraýjy edaranyň wekiliniň, jemgyýetçilik guramalaryň gatnaşmagynda mekdepde hereket edýän “Düşündiriş-öňüni alyp toparynyň” ýygnagyna çagyrylýar.

- **42 we ondan köp sagat** möçberinde sebäpsiz okuwyny goýberen talyp, onuň ene-atasy (kanuny hossary) bilen bilelikde mekdepde hereket edýän “Talyplary okuwdan çykarmak, okuwa dikeltmek we olara sebäpli (akademiki) rugsat bermek barada meselä seredýän toparyň” ýygnagyna çagyrylýar. Ýygnakda “Türkmenistanyň ýokary we orta hünär okuw mekdeplerinde talyplaryň okuw işleriniň netijeleriniň aralyk jemlemesi hakyndaky” Düzgünnamanyň 12-nji bendine laýyklykda, ýarymýyllygyň dowamynda okuw sapaklary hem-de tejribelikler boýunça 42 we ondan köp sagady esassyz sebäplere görä goýberen talyby okuwdan çykarmak barada mesele orta goýulýar.

## IV. Goýberilen okuw sapaklary özleşdirmegiň tertibi

4.1. Mekdebiň Tertipnamasyna laýyklykda talyplar okaýan döwründe bilim maksatnamasynyň okuw meýilnamasynda göz öňünde tutulan ähli talaplary ýerine ýetirmäge borçlanýar.

4.2. Okuw sapagyna gatnaşmadyk talyp borçly:

- goýberen sapaklarynyň ýumuşlaryny özbaşdak ýerine ýetirmäge;

- gatnaşman goýberen materiallarynyň yzyndan ýetmek üçin mugallymdan ýumuşlary almaga.

4.3. Sebäpli okuw sapaklaryny goýberen talyp sapak ýazgysyny ulanyp depderine ýazgy edýär we 1 sany goşmaça edebiýat ulanyp referadyň konspekt görnüşini taýýarlaýar, olary mugallyma görkezip degişli soraglara (ýazmaça ýa-da dilden) jogap beren ýagdaýynda özleşdirilen diýip hasap edilýär.

4.4. Talyp zerur bolsa düşünmeýän soraglary boýunça mugallyma ýüz tutup biler.

4.5. Sebäpsiz okuw sapaklaryny goýberen talyp sapak ýazgysyny ulanyp depderine ýazgy edýär hem-de azyndan 5 sany goşmaça edebiýatlary ulanyp referat we prezentasiýa görnüşini taýýarlaýar, olary mugallyma görkezip degişli soraglara (ýazmaça ýa-da dilden) jogap beren ýagdaýynda özleşdirilen diýip hasap edilýär.

4.6. Goýberilen amaly we tejribe sapaklar doly göwrümde özleşdirilmelidir.

4.7. Goýberilen okuw sapaklaryny özleşdirmegiň möhletini her talyp üçin mugallym indiwidual tertipde kesgitleýär.

4.8. Goýberilen okuwlary özleşdirmeklik her mugallymyň hepdelik maslahat beriş sapaklarynyň dowamynda amala aşyrylýar we ol usuly birleşmäniň ýolbaşçysy tarapyndan gözegçilikde saklanýar. Maslahat beriş sapaklarynyň çyzgydy mugallymyň sapaklaryna we talyplaryň okuwlaryna laýyklykda her ýarymýyllygyň başynda işlenip düzülýär we direktoryň orunbasary tarapyndan tassyklanýar. Maslahat beriş sapaklarynyň çyzgydy bildiriş tagtasynda ýerleşdirilýär.

4.9. Goýberen okuwlaryny özleşdirmekden boýun gaçyrýan talyp bilen mugallym we usuly birleşmäniň ýolbaşçysy degişli işleri geçirmeli (söhbetdeş bolmak, direktoryň orunbasarynyň ýanyna çagyrmak, düşündiriş-öňüni alyp toparyna çagyrmak we ş.m.). Talyp ders boýunça okuwyny özleşdirmedik ýagdaýynda aralyk jemlemesine, hasap we synaga goýberilmeýär.

4.10. Talyp okuw tejribeligi boýunça goýberen okuwlaryny onuň sebäbine garamazdan okuwdan boş wagtlary doly göwrümde özleşdirmeli.